<u>**Turkmence Zebur - WP Praying Psalms**</u>

**Zebur 67:1,2 Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Dawudyň mezmury. Nagma. 2 Hudaý galkar, duşmanlary dargadar, Ony ýigrenýänler öňünden gaçar.**

**Zebur 5:10,11 Olaryň agzynda dogry söz ýokdur: olaryň ýüregi weýrançylykdyr, olaryň bogazy açyk gabyrdyr, dilleri bilen-de ýallaklaýandyr. 11 Eý, Hudaý, olara çykar hökümi, pällerinden tapyp, ýykylsyn olar; ýazyklary üçin kowup çykar olary, çünki olar Saňa garşy baş galdyrdylar.**

**Zebur 10:6 Ol erbetleriň üstüne ýagdyrar köreýän közleri hem-de kükürdi; ýandyryjy ýel bolar nesibeleri.**

**Zebur 17:15 Peýkamlaryny atyp, pytratdy ýagylaryny, ýyldyrymlar çakdyryp, weýran etdi olary.**

**Zebur 17:19 Olar betbagt günümde garşyma çykdy, ýöne Reb meniň daýanjym boldy.**

**Zebur 17:40 Uruş üçin Sen bilime kuwwat berýärsiň, garşyma çykanlary maňa tabyn edýärsiň.**

**Zebur 17:46 Kesekileriň ýüzi gorkudan ak tama dönýär, olar galalaryndan titreşip çykýar,**

**Zebur 26:11 Ýa Reb, maňa ýoluňy öwret hem-de duşmanlarym zerarly, meni düz ýodadan alyp git.**

**Zebur 34:1-8 Ýa Reb, meniň bilen dawalaşýanlar bilen Sen dawalaş; meniň bilen söweşýänler bilen Sen söweş; 2 sowudyňy geý, galkanyňy al, dadyma ýetiş. 3 Meni kowalaýanlara garşy naýzaly, aýpaltaly çyk. Kalbyma diý: «Halasgäriň – Men». 4 Janymyň kastyna çykanlar, goý, utanyp masgara bolsun; maňa garşy erbetlik niýetlänler yzyna dönsün, ýüzi gyzarsyn. 5 Goý, olar ýel öňündäki ownuk saman dek bolsun; Rebbiň perişdesi olary syryp äkitsin. 6 Goý, olaryň ýoly garaňky hem sürçek bolsun; Rebbiň perişdesi olary kowsun. 7 Çünki sebäpsiz ýere meniň üçin duzak gurdular; sebäpsiz ýere meniň üçin çukur gazdylar. 8 Goý, helākçilik duýdansyz başyna insin, gizlin guran duzagyna onuň özi düşsün, heläkçilige uçranda, goý, şoňa düşsün.**

**Zebur 51:7 Emma Hudaý seni baky heläklär, seni tutup, çadyryňdan çekip çykarar, ýaşaýyş topragyndan köküňi**

**sograr. Sela**

**Zebur 59:14 Hudaý arkaly ýeňiş gazanarys, duşmanlarymyzy depelejek Oldur.**

**Zebur 65:3 Hudaýa diýiň: «Eý, Hudaý, işleriň neneň haýbatly! Kuwwatyňyň beýikliginden ýaňa duşmanlaryň boýun bolýarlar Saňa.**

**Zebur 67:36 Hudaý Öz mukaddes öýünde wehimlidir. Ysraýyl Hudaýy Öz halkyna güýç, kuwwat berýär. Alkyş bolsun, alkyş bolsun Hudaýa!**

**Zebur 69:1,2 Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Dawudyň mezmury. Ýatlanma dilegi. 2 Eý, Hudaý, meni halas etmegi niýetiňe sal; ýa Reb, tiz ýetiş meniň dadyma.**

**Zebur 70:13 Meniň ýagylarym utansyn, ýok bolup gitsin, maňa ýamanlygy niýet edýänler utanç bilen betnamlyga bürelsin.**

**Zebur 75:13 Şazadalaryň ruhuny syndyrýan Oldur, ýer ýüzüniň şalaryna wehimli Oldur.**

**Zebur 117:10 Ähli milletler gurşap aldy daşymy, Rebbiň ady bilen serpikdirdim olary.**

**Zebur 117:12 Olar ary kimin meni gurşady, ýöne ýandak ody dek söndi, Rebbiň ady bilen serpikdirdim olary.**

**Zebur 149:8,9 Patyşalaryny zynjyrlasynlar, asylzadalaryna gandal ursunlar. 9 Olar babatda ýazylan hökümi berjaý etsinler! Munuň özi sadyklaryň bary üçin hormatdyr. Rebbe şan-şöhrat bolsun!**

**Pastor T. John Franklin**
**Church of Salvation, Healing, and Deliverance**
**COS-HAD.org**